http://vk.com/mugallym_we_biz



Siamäk GOLŞIRI

# Sen ýalňyz syrdaşym...

(Hekaýa)

Syrdaşym! Sen irden meniň bilen nämeleriň bolup geçenini bilýärmiň?! Şu gün irden...

Lukmanyň jaýyndan çykdym. Howa hoştapdy. Asman dup-durudy. Ho-ol alysdaky daglaryň gar basan gerişlerine çenli görnüp durdy. Ýanýoda gyzyl, ýaşyl, sary, çal reňkli, pişme şekilli daş bölejikleri düşelendi. Olaryň käbirleri basyp geçeniňde, jygyrdap ses edýärdi.

Üstüme abanyp duran jaýlaryň gatlaryny sanaýardym. Ol jaýlar sanap çykmaz ýaly, başlary buluda ýetip duran binalar kimin, onçakly belent hem däldi. Hemmesi alty ýa-da ýedi gatlydy. Aralarynda ýekeje sekiz gatly jaý hem bardy. Sekizinji gat az-owlagrak hem bolsa, ýokardan buýsançly we tekepbirlik bilen bakýardy. Ýöne ol ýalňyzdy.

Dynç günlerinden beýleki adaty günlerdäki ýaly, adamlar öz-iş aladalary bilen başagaýdylar. Belki, olaryň arasynda gam-gussaly bir ynsan-da tapylar. Hawa, ol ynsan hökman bardyr. Özi-de gamgyn bolmaly. Ol öz ýitiren perzendini gözleýändir. Men şonuň bilen gürleşmelidim. Eger başa barmasa, birje gezek daşyndan görsem-de, ýüz-keşbinden kalbynyň çuňlugyny boýlap, meňzine bakyp dursamam ýeterlik bolardy.

Garşymdan ýigrimi, mümkin, ýigrimi bir ýa-da ýigrimi iki ýaşlaryndaky bir gyz seýkin basyp gelýär. Elinde gazete dolanan bir zat bar. Ol surat eseri bolmaly. Suratkeş bolsa gerek?! Emma ol o diýen gamgyn-a däldi. Durky, hatda ädimleri-de edalydy. Ol, belki-de, meni tanaýandyr? Yzyma öwrüldim-de:

— Hanym! — diýip, oňa ýüzlendim.

— Maňa diýýäňizmi?

— Siziň sagadyňyz-a ýokdur?

Ol:

— Bar, ýediden ýigrimi bäş minut işleýär — diýdi.

— Birnäçe minutlyk wagtyňyzy alyp bilerinmi?

— Suwjuk söz gatmagyň täzeçe usulymy şu?! — diýdi-de, ol öz ýoly bilen ýöräberdi. Eger tanan bolsa, ol duýaýmalydy ahyry, düşünäýmelidi... hergiz beýle gepleşmezdi. Ýöne hiç zat aňlaman gidip barýardy. Pursatsaýyn menden daşlaşýardy... uzaklaşýardy... ara açýardy...

Onuň şindiz hem ädimleri edaly...

Yzyma öwrüldim-de, ýolumy dowam etdim. Ýanýoda düşelen çal daşlar ikindi şapagynyň gyzylymtyl-naryňç reňki bilen öwşün atýardy. Dagyň başyndaky garlar-da edil öňküsi ýaly göze ilginçdi. Duşumdan käte bir ötegçi geçip gidýärdi. Howluk-

maç ýöräp geçýänleri kän däldi. Köpüsi haýaljak ýöreýärdi. Olaryň biri-biri bilen baglanyşyklary ýokdy, hiç kim hiç kime seretmeýärdi. Diňe ädimleri käte tizleşip, käte haýallaýan iki adam (belkide, iki dostdur) gaty-gaty gülüşýärdi. Olaryň biri has hem çasly gülýärdi. Töwerekdäkiler olara geň galyp garaýardylar. Käbir ötegçileriň bolsa, olaryň gülşüşlerini eşidip, öz gülküleri tutýardy. Galanlary bolsa, biperwaýlyk bilen olara seredişýärdiler. Bir adam ol iki dosta bakyp gaşyny çytdy. Bu adamyň üsti-başy tertiplidi. Aýakgaby ýaldyrap durdy. Uzyndan gara we giň jalbary täzeki biçüwdedi, penjegi sap ak reňkdedi. Howlukmaçdy. Mümkin, bir edaranyň başlygydyr. Aý, ýok, başlyklar pyýada gezmezler. Onuň Waliasr şaýolunyň ugrundaky uly dükanlaryň biriniň eýesi bolmagy-da ähtimal. Hawa, hökman şeýledir. Gülmäge wagty ýokdy — gyssanmaçdy. Bu-da meniň gözleýän gamgyn ynsanym däl. Ol gamgyn däl-de, yzgytsyzdy.

Hemmeleriň ýüzlerine, saçlaryna üns bilen seredýärdim. Zenanlara, olaryň özlerine nähili timar berendiklerine seredýärdim. Bir zenan dodaklaryna gülgün reňk çalypdyr. Mele saçly ýene bir zenan bolsa, dodaklaryny gyrmyzy reňke boýapdyr. Gyrmyzy reňkiň ýüzüne gelişmeýändigini oňa aýtdym.

— Hanym! — diýip, oňa ýüzlendim. Ol:

— Aýdyberiň! — diýdi.

— Bilýäňizmi näme, gyrmyzy reňk siziň ýüzüňize düýbünden gelişmeýär.

— Seniň ne işiň, tentek! — diýip, jogabymy nagt berdi. Dogry-da walla... Ýöne meniň aýdýanymyň hem jany bardy ahbetin. Men bary-ýogy oňa ýüzüne gülgüne, goýy gülgüne reňkiň has gowy gelişjekdigini aýtjakdym. Aýtmaga goýmady. Ötägitdi.

Ol ýana geçdim. Ýoluň ol tarapyna. Köçäniň bu tarapyndaky ýanýoda kül reňkli daş düşelendi. Çagalar öýündäki krowatyň, hut şol, ýyllar boýy üstünde ýatan krowatymyň reňkinde...

Çagalar öýüniň penjireleriniň arasynda ak tutulary hemişe ýapyk durýan ýeke-täk bir penjire bardy. Ol meniň otagymyň penjiresidi. Krowatym şonuň öňünde durardy. Penjirämiň tutusyny hiç wagt açmadym. Garaşdym. Günleriň bir güni onuň özi tutyny syrmazmyka, meni idäp yzymdan gelmezmikä diýip, şol ýerde, on dokuz ýyl sabyr edip garaşdym. Emma tuty syrylmady. Ol hem gelmedi.

Çagalar öýünden gaýdan wagtym hem olaryň şo-ol öňküsi ýaly ýapyk durşudy. Ýerzeminde ýerleşýän kiçijik bir otagda ýaşadym. Dar hem bolsa, sekiz ýyllap mydar etdim. Gaz ojagyny gapdalky otagda ýaşaýan maşgala bilen şärikli ulanýardyk. Günleriň birinde ol meni tapar, şu ojakda maňa nahar bişirip berer diýip ynanýardym. Garaşýardym...

Meniň kireýine alan täze öýümiň bir otagynyň, bir eýwanynyň, aşhanasynyň, hammamynyň, iki sany uly penjiresiniň hem-de aýratyn gaz ojagynyň bardygyny-ha asla bilýän hem däldir. Özbaşyma öýümiň bardygyny bilse näme üçin gelmesin? Hökman gelerdi. Bu zatlardan öňürti meni idärdi. Iň bolmanda, şu gün irdenki waka bolup geçmez-

Häzirki zaman tanymal eýran ýazyjysy Siamäk Golşiri 1968-nji ýylda Ysphan şäherinde dünýä indi. 1990-njy ýylda Ysphan uniwersitetiniň nemes dili we edebiýaty bölümine okuwa girýär. 1996-njy ýylda ol «Ikinji Jahan urşundan soňky german edebiýatynyň hekaýalary» mowzugy boýunça ylmy iş ýazyp, alymlyk derejesini alýar.

1991-nji ýylda Golşiri edebi döredijilige aýak basýar. «Ýarygije» atly ilkinji hekaýasy 1994-nji ýylda «Adineh» žurnalynda çap edilýär, bu eser dessine okyjylaryň ünsüni çekýär. Emma hakyky üstünligi Golşirä 1998-nji ýylda neşir edilen «Yşk hakda, ölüm hakda» atly hekaýalar ýygyndysy getirýär. 2000-nji ýylda Golşiriniň «Ýanýoldaşlar» hekaýalar kitaby we «Garabasma» romany kitap bolup çykýar. Bu eserler ony Eýranyň iň öňdebaryjy ýazyjylarynyň hataryna goşýar. Onuň soňraky ýazan eserleri, şol sanda «Soňsuz gije» (2001), «Ajy tarapy» (2001), «Näletlenen» (2002) we «Yşgyň pynhan ýüzi» (2007) romanlary, «Dişiňi gysyp...» (2003), «Möý» (2005) we «Baýlary söýýän» (2007) hekaýalar ýygyndysy okyjylaryň uly söýgüsini gazandy. Bu eserleriň köpüsi Eýranyň abraýly edebiýat baýraklaryna mynasyp boldy. Siamäk Golşiri häzir «Tähran, Arwah köçesi» (2008) romany bilen başlanýan trilogiýasynyň üstünde işleýär.



SIAMÄK GOLŞIRI

den öňürti-hä ýanyma gelerdi.

Ötegçileri synlaýardym. Ine, şu adamlaryň arasynda meniň ejem bolmaly. Bolaýmalydy. Meni gözläýmelidi. Men ony hökman tapmaly. Çagalar öýüne dolanyp barmagym gerek. Belki, ol meni idäp çagalar öýüne barandyr? Ýöne ol ýere geçen hepde baran wagtym-ha — «Gelenok!» — diýipdiler.

Köpçüligiň arasynda bir aýal ünsümi çekdi. Onuň kiçijik gözleri bardy. Özüne oňat timar beripdir. Inçeden, ýaý şekilli gaşlary bardy. Dodaklary-da ýüzüne gelşip durdy. Belki-de, ol şonuň özüdir. Aý, ýok, meniň ejemiň egninde gaýyş paltosy ýokdur. Meniň ejem kimem bolsa, edil häzir onuň kalby aladaly, bikarar bolmaly. Emma ol aýal egni gaýyş paltoly, özi-de juda bigam gülümsiräp barýardy.

Meniň hem bu dünýäde bardygymy, ýygy-ýygydan aglaýandygymy, juda seýrek gülýändigimi, ýykylýandygymy, soňra ýerimden galýandygymy, ýigrenýändigimi, söýýändigimi bilmeli ynsan, meniň üçin dünýäde deňi-taýy bolup bilmejek şol ynsan menden bihabarmyka?

Märekäniň içinden bir garryja aýal gözüme yssy göründi. Ony özüme ýakyn duýdum. Başynda gara ýaglygy bardy. Daş keşbi meniň elmydama hyýalymda beslän käbäme meňzemeýän-de bolsa, onda nähilidir bir mähir, ruhuma golaýlyk syzdym.

— Ene jan! — diýip, oňa ýüzlendim.

— Maňa bir zat diýýärmiň? — diýip, ol ýüzüme çiňerildi.

— Ogluňyzy ýitiren-ä dälsiňiz? Şu gün irden özi hakda hemme zady bilen ogluňyzy, ene?..

Ol ýaglygynyň çowuny serpip, gulagyndaky eşidiş enjamyny görkezdi-de, öz ýoly bilen gidiberdi.

Köçede adam gatnawy köpelipdi. Öýüme çenli onçakly uzak aralyk galmandy. Jaýlar kiçelen ýaly görünýärdi. Ýanýodanyň käbir ýerlerine dürli reňkli owunjak daşlardan nagyş düşelendi. Käbir ýerleri bolsa, diňe büdür-südür daş bilen örtülipdir. Ýoluň gyrasyndaky ganawdan läbigiň ysy gelýärdi. Ýata suwuň ýüzüni zir-zibiller örtüpdi.

Öýümiň howlusyna ýetdim. Garawul basgançagyň gapdalynda, hamala diýersiň, ýörite oturdylan heýkel ýaly bolup, öz demir oturgyjynda adatdakysy ýaly haýbatly otyrdy. Seýilgähde dikilen, arly ýyllap sarsman oturan heýkeller bolar-a, ine, edil şolar ýaly bolup otyrdy. Onuň aýagy gurşup giden borly, çykaran köwüşlerini heniz hem aýagyna geýmändir.

Jaýyň girelgesine ýetenim hem şoldy welin, öý eýesiniň iki oglunyň biri basgançagyň eltutarynda ýanlaýyn oturdy-da, aşaklygyna typyp gaýtdy. Beýlekisi diňe syn edip durdy. Birinjisi maňa salam berdi-de, ýene ýokarlygyna ylgady... Oglanjyklaryň ikisi-de hezil edip gülüşdiler.

Sebäbi olar tutuş howlynyň, hatda meniň öýümiň hem özlerine degişlidigini bilýärler-dä. Basgançaklardan ýokarky gata galdym. Gapynyň daş ýüzünde durkam, oglanjygyň salam berendigi ýadyma düşdi. Ýokarda duran ýerimden salamyna jogap berdim. Ol eşitmedi, çünki ýene-de eltutardan aşak typmaga häzirlenýärdi.

Öýümiň gapysyny açdym.

Irden lukmanyň özi islemezden, maňa hemme zady eşitdirendigini hiç kim bilmeýärdi. Ol suratkeş gyzjagaz hem, ýüzi çytyk adam hem, gulagy eşidiş enjamly garryja aýal hem, hatda garawul hem bilmeýärdi. Aslynda ol bu zatlary maňa dälde, şepagat uýasyna aýdypdy.

Şepagat uýasy goýun gözli, şar gara saçly, akmeňiz gyzdy. Gaşlary bolsa garlawajyň ganatlary ýaly gerlip durdy. Dodaklary reňklenmedikdi. Näzik elleri bilen ilkinji gezek goşarymdan tutup, gan basyşymy barlanyna eýýäm dört aý bolupdy. Balkyldap duran pyýala gözleri bilen, bir görseň, goşaryma, bir-de ýüzüme içgin-içgin seredýärdi. Bir minut geçeninden soň hem: «Örän gowy!» diýýärdi-de, beýleki otaga gidýärdi. Bu gün ol otagyň gapysyny ýapmagy ýadyndan çykarypdy. Gapyny ýöne itekledi-de, gidiberdi. Ir säherdi. Belki-de, ukudan giç oýanandyr-da, hassahana gyssagarada gelendir? Heniz ukusyndan açylan däldir? Hökman şonuň ýalydyr, ýogsam men olaryň gizlin gürrüňlerini eşitmezdim ahyry...

Lukman pessaý ses bilen men hakda gelen netijesini aýtdy. Belki, her gün hem aýdýandyr?!

— Nepi degmezmikä diýýärin, uzak bolsa, birki hepdeden artyk ýaşamaz...

...Ýalňyz syrdaşym! Indi sen hem meniň kalbymda nämeleriň bolup geçendigini bilýärsiň. Diňe sen bilýärsiň, eý, meniň umytlarymyň we «belkidelerimiň» ýeke-täk şaýady. Diňe sen, eý, meniň agaçdan ýasalan kiçijik ýazuw stolum!

***Pars dilinden terjime eden***
***Nurgözel GÜNDOGDYÝEWA.***